# Bergidar / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bergidar / hekaýa

BERGIDAR

…Ýaşy segsene ýakynlaberen bolsa-da, uluja çowlugy: “Ata, aragatnaşyk merkezinden jaň etdiler, seniň adyňa ýene-de şahsy jogap haty gelip gowşupdyr. “Gelip alsyn” diýdiler” diýen dessine, Juma aga “hyk-çoklap” geýindi-de, obanyň merkezindäki aragatnaşyk nokadyna garşy, paýu-pyýada dähedem-dessemläp ugrady.
Juma aga, lukmanlaryň maslahatyna eýerip, özüne agram salmajak bolup, alňasaman, hasasyny tyrkyldadyp, ýöräp barşyna, kalbyna aralaşan galagoply duýgyny köşeşdirmäge dyrjaşýardy. Emma, özüne näçe basalyk berse-de, ýaşulynyň ýüregi gürsüldäp, agzyndan çykaýjak bolýardy. “Ýa Allam, şu gezek bir, ol bendeleriň ýa-da olaryň nebereleriniň, iň bolmanda biriniň salgysy tapylan bolaýadygydyr-da. Tizden-tiz haklaşaýmasak özi, bi, güýjünde bary bilen ylgap barýan keýgiň kölegesinde saýalana kysymdaş, dem salymlyk ömürem paýaw kylyp barýar…”.
Bu pikirinden soň-a garry hasam kejikdi. “Ýa Hudaý-a, bar Hudaý-a, päk Hudaýym-a, men ejiz, günäkär pakyryňy kyýamat-ahyra çen bergidar halda, mazarymda dik oturmaly güne galmaly etmäweri, hernä!”.
Tolgunmaly oýlanmalarynyň arasyna Haktagala mynajaty gatyp-garyp barşyna, aladaly ýaşuly, nädip aragatnaşyk nokadyna ýetenini-de duýman galdy. Aýna germewiň aňyrsynda, özüniň agtyjaklarydyr-çowlujaklaryna çalym edip, gyrmyzy köýnekde, gyzyl-çog bolup oturan, eýjejik aragatnaşykçy gyz:
-Gurgunmysyň gyzym!-diýip, bosagadan ätlän ýaşulyny mähir bilen garşy aldy-da:
-Juma ata, özümiz elinjek öýňüze eltip beräýjekdik welin, soňky gezek Halmyrat: “Atama lukmanlar özüne agram salmanrak, ýöne köpräk gezmelemegi tabşyrdylar. Şonuň üçinem oňa birneme

seýil etmäge bahana bolar ýaly, hatyna jogap gelse, öýe jaň edäýiň” diýensoň, size jaň edäýdik-dä!-diýip, ötünç soraýan äheňde, Juma aganyň körpe agtygynyň sözlerine salgylandy.
-Ýok, ýok guzym, alada etme! Hally kel az-owlak çypdyrunrak bolsa-da, şu sapar-a hakyny sözläpdir!-diýip, zanny-ýasawy boýunça alçak ýaşuly, degişmekden ötri, müýnürgeýän aragatnaşykçy gyzy köşeşdirmäge howlukdy.
Gojanyň gürrüňi gyzyň içine düşdi. Jykyrdap gülüp ugrady:
-Ata, oňa näme üçin “kel” diýýärsiňiz?! Biz-ä onuň bilen tutuş orta mekdebi bile başlap bile tamamlasagam kellesinde kel görmedik, onuň!
Megerem, onuň körpe agtygy Halmyrady azak-tenek içginräk tanaýan bolara çemeli, gyzyň jykyr-jykyr gülüp durşuna beren sowalynda, mesaýylygyň biraz yz ýanyndaky köpräjik gyzyklanma bildirer-bildirmez duýuldy.
-Haý guzym, garry atamyzyň ady dakylan, ol! Ol bende-de, ýatan ýeri ýagty bolsun, gybatyny hem edýäris welin, gulagy göründen pakyryň, kellesi çala-çula kelräk bolaýan ýaly, özi! Biz-ä, dogrusy, gözümiz bilen-ä gördük diýsek ýalançy, ýöne il-gün şeýle diýýär. Mundan öňňesinem elbetde, Hudaý bilýändir-dä!-diýip Juma aga aragatnaşykçy gyza hörpdeş jogap gaýtardy. Soňam edähetine eýerip, özüne mahsus keýpihonluk bilen, ýene-de heneginiň yzyny degişmä ýazdyryp goýberdi:
-O zaňňara çypdyrunrak diýýänim bolsa, ýaşy uzak bolmuş, iş buýurdygyň bahanasy taýyn onuň, ýa kakasynyň yzyndan nahar äkitmelidir, ýa özünden ulusyna goýun gyrkmaga kömek etmelidir, ýa-da…-diýip goja mekirje ýylgyrdy:-…aragatnaşyk nokadyndan täze gazet-žurnallary alyp gaýtmalydyr, ol!
Juma aga garry adamlara mahsus mähirli synçylyk bilen aragatnaşykçy gyzyň ýaňaklarynyň gülgüne öwsüp ugrandygyny saýgardy-da, sözüne dyngy berdi. Emma, “öwrenilen endik örkleseňem durmaz” diýleni, çagalykdan ganyna ornaşan bezzat alçaklyk, goja degişmek üçin şeýle amatly pursaty boş geçiräýmäge maý bermedi. Ol sakgalyna siňdirip, eşidiler-eşidilmez pessaýja gepläp goýberdi:
-Ýogsa…ähm, ühm…men-ä düşünemok, şu ýagdaýa, asyl! Goňşularyň-a hemmesiniň gazet-žurnalyny aragatnaşykçy, günde säher bilen

öýlerine getirip gidýär welin, biziňkin-ä, hakyýt, haklymyz haýran, her gün aragatnaşyk nokadynda galdyryp gaýdýar, şol,…ähm, ühm…huşy başyndan uçan öýdýän, şonyňyzam…Äý, onuňam, elbetde, özüne ýetesi sebäbi bardyr-da…ýa her gün gazet-žurnal daşamak, soňky döwür keliňem maňlaýyna ýazylandyr-da…
Birdenem näme üçin aragatnaşyk merkezine gelendigi Juma aganyň güpbe ýadyna düşdi. Bada-bat ýüzüne kölege indi. Oýun-henek aňyndan yzsyz-tozsuz zym-zyýat boldy.
-Hany guzym, maňa şol haty ber bakaly!
Sözi ýumşagam bolsa, dili päkiden ýiti gojanyň ünsüniň, gazet-žurnaldan, aragatnaşyk nokadyna günde gatnamak maňlaýyna ýazylan, kel bolmasa-da, “kel” diýlip söýgülenýän agtykdan we ýene-de gepleniberse, başga-da käbir zatlaryň üstünden barlaýmagy gaty ähtimal degişmeli gürrüňden sowlandygyna begenip giden aragatnaşykçy gyz, Juma aganyň haýyşyny bitirmäge howlukdy.
Ýaşy bir çenden geçen bolsa-da, gözi ýaş ýigdiňki ýaly görýän Juma aga, haty alandygy barada gol çekmegi-de undup, eline berlen bir tagta kagyzy, göz açyp-ýumasy salymda, gözleri bilen gyzyl-dörjük edip çykdy.
…Siziň beren alamatlaryňyzyň we maglumatlaryňyzyň ýeterlik däldigine garamazdan, ähli elýeterli arhiwlerde zerur barlag işleriniň bellenilen tertipde geçirilendigini size habar berýäris…Haýyşnamada berlen maglumatlaryň ýeterlik bolmazlygy, zerur resminamalaýyn gözleg-agtaryş işlerini degişli derejede geçirmeklige mümkinçilik bermeýär…
Gojanyň ýüregi jigläp gitdi.
“…Tapylmandyr…ýene-de tapylmandyr-ow…Wah tapylmandyr-ow, wah, wah!”
Juma aga ahmyr bilen hyrçyny dişledi-de, jogap hatynyň galanja setirlerine lapykeçlik bilen göz gezdirişdirdi.
…Size ýüz tutýan soraglaryňyz boýunça ýene-de toplamak mümkin bolan maglumatlary jemläp, biziň salgymyza degişli haýyşnamany ugratmagyňyzy maslahat berýäris…Size hormat goýmak bilen…
-Wah, han ogul, men soraýan zadym barada başga maglumat jemläp bilýän bolsam, size ýüz tutup nätjekdim! Özüm gidäge-de tapyp gaýdaýmajakmy, men!-diýip, lapykeç bolan goja, nädip içki

pikirini daşyna çykarandygyny-da diýman galdy.
Haty eline almazynyň öň ýanynda-da, şähdaçyklyk bilen degşip, alaýaz bolup duran ýaşulynyň ýüzüniň boz-ýaz bolup, ýeke pursatda keýpine sogan dogralmagyna aragatnaşykçy gyz dözmedi.
-Juma ata, näme ýene-de “tapmadyk” diýip jogap ýazypdyrlarmy?
-Hawa guzym, ýene-de tapmandyrlar, ýene-de tapmandyrlar…-diýip hümürdeşdirdi-de, sermisal goja gapa tarap ýöneldi. Ýaňyja işikden girende, gözüňi dokundyryp duran daýaw, nurana keşpli ýaşulynyň ýüzüniň nuruny öçürip, eginlerini sallap, çykyp barşyna gyz hasam gyýyldy. Oňa dagy nädip duýgudaşlyk bildirjekdigini bilmänem, kellesine gelen ilkinji zady diýip goýberdi:
-Ata, göni yzyňa gitseň ýadaýma, birden! Men size ajyja çaý beräýeýin!
Goja sägindi. Sähel salym oýurganyp durdy-da, birdenem ala donunyň syýyny silkip goýberdi.
-Çaý diýýäňmi, guzym?! Äý berseň, ber-äý, bir käsäni guzym! Indi barybir, ötüki, howlugýan ýerimiz ýok-la! Barybir tapmandyrlar ahyry!-diýdi-de Juma aga aýna germewiň aňyrsyna geçip, gyzyň görkezen oturgyjyna lampa özüni goýberdi. Hälden, aragatnaşyk nokadyna nähili ýöräp gelendigini duýmasa-da goja şu mahal özüniň näderejede ýadandygyny on iki süňňi bilen syzdy. Ýadawdy. Biçak argyndy. Şeýlebir sütüni süýnüpdi welin, edil ýöne, dynjyny alyp soňuna çykar dagy eder ýaly däldi. Özi-de bu argynlyk beden ýadawlygy däl-de, ruhy ýadawlykdy, çagalykda açlyga döz gelnip bilmän edilen hatanyň, ömri boýy-da şol säwligi düzetmek üçin, şu güne çenli yzygiderli şowsuzlyga uçrap gelýän üznüksiz gözlegiň bihudalygy hakyndaky pikiriň we şonuň dünýä inderen lapykeçliginiň, ýene-de ýetmiş ýedi ýyllap turman uklap ýatyp, ondan soňam, ýene-de goşmaça, segsen sekiz ýyllap dynç alyp tükedip bolmajak, soňsuz ýadawlygydy…Hiç ýöne, arzyňy aýdyp-diýip gutarar ýaly däldi…Has takygy, ol hatasy barada aýdara-diýere, iç döküşip, göwün egsişere gardaş-göwündeş-syrdaşam ýokdy…Ejesi…Ejesi görgüli aýatdan gideli bäri…
Ejesi pahyr hakydasyna gelende Juma aganyň ýüregi ersip gitdi. Ol bozuldy. Özüniň bogazynyň “lyk” dolandygyny aragatnaşykçy

gyza bildirmejek bolubam bokurdagyny arçan kişi boldy. Özüne bir zatlar diýişdirip, daşynda jöwlan urýan gyzjagazyň diýýän zatlaryna gulak gabartmanam, hakydasynda köne ýatlamalary köwsarladyp tozadýan harasady köşeşdirmäge çytraşdy. Emma, bir gozgalaň tapyşyna dem salymda örç alyp galan hakyda harasady, syr bermejek bolup, ýanynda goýlan çaýly käseden käte bir owurtlan bolup, kelam agyz geplemän oturan goja per bererli däldi. Onuň ejizeganymlykda türgenleşe-türgenleşe jellada öwrülen hakydasy, edil ezber mergeniň nyşana gönüläp atýan peýkamlary ýaly, atylyşyna göni baryp, gursagynyň orruk-ortarasyndaky onlukda ornaşdyrylan ýüregine sanjylýan ezýetli ýatlamalary, öz sagdagyndan ilgeziklik bilen çykaryp, onuň jigerini didiwana mündüräge-de, yzly-yzyna atyp durdy.
…Urşuň ikinji ýyly…obalaryň tozan turýan köçelerinde, kämahallar ýarym açlygyň, köplenç bolsa doly açlygyň guduzlan it ýaly pelesaň kakyp, bir wagtyň özünde hemmelere agyz urýan döwri…Kakalarynyň uruşda diri ýitig bolandygy hakynda habary alyndy…Habary alnan, patasy alynmadyk…Enesi görgüli açlykdan-horlukdan, keselinden hem ýeke perzendi üçin hasratyndan ýaňa, horaşaja kepbeleriniň bir çüňkünde, ýeke gysymy-da doldurmajaga çalym edýän göwrejigi bilen, el ýaly keçäniň ýarsyna sygyp ýatyr…Ol görgülini şol pille terezä mündürseň, tutuş göwresine, hatda mizanyň hem hiç taýy mizejek däl…Şeýlebir hor ol, şeýlebir agramsyz welin, hatda üns berip seredäýmeseň, kän ýagty düşmeýän kepbäniň tükeniksiz alagaraňkylygynda salgymmyka ol ýa-da kölegemikä diýdirýär…Ejesi görgüli daň atmazynyň-a kän öňünçäsi, gün ýaşanyndanam kän soň, uzakly gün meýdanda…Günlük gazanýany-da, özüne, üç çagasyna hem-de bogazyndan zat ötmeýän gaýynenesine ölmez-ödi…Her haýsyna ýarty käse bulamak…Onuň üstem uly uruş…Enesi: “iýjek däl, özüňiz iýiň, dad-u-bidatlarym” diýip, töweregindäki açja garamyklara dözmän, käsäni yzyna iten badyna, oňa alty ýerden alty el bir wagtda uzaýar…onsoň alty ele-de şarpyldadyp kakylýar-da, ejesi käsäni kakyp alyp, eneleriniň ýanyna süýşürýär…“Iýeweri enesi, ýogsam, garaşýanymyz gelýänçä garaşmaga halyň galmaz” diýip garry görgülini bulamakly käsäni dodaklaryna ýetirmäge mejbur

edäýjek sözleri tapýar…Dil-ä şol sözleri gepleýär, dodaklaram, hassa göwünlik bermeg-ä birinji tarapdan, öz-özüne teselli bermegem ikinji tarapdan, müýnli garanjaklaşýan üç jüp garamykdan ötünç soramagam üçünji tarapdan, ondan galamasam soňky taraplardan, ysgynsyzja ýylgyran bolýar… “Edýäniňiz näme ahyry, eneňiz iýmese bolmaz ahyry” diýen terzde ejesi özlerine alarylanda-da, öýüň içi alagaraňky bolsa-da mese-mälim görünýär…Görünýär…Alarylyp duran gözleriniň bir-ä: “bagyşlaň, balalarym” diýip möňňürýär, beýlekisem: “waý, dat, nirelerde galdyň mähribanym, ýetişeweri” diýip ulili bilen bagyrýar…Iki göz birleşibem: “ölerin, ýöne yzyny ýitirmerin” diýip, belentden ýakylan şaman ody ýaly, lowlap duran aýgytly nazar bilen çar töwerege çabraýar…

…Şol ajy günleriň birinde-de, özi ýaly, ýaňy ýedi-sekiz ýaşan bezzatlaryň üç-dört sanysy bilen: “heý, garbanara bir zatlar tapyp bolmazmyka” diýen niýetde, obalarynyň eddiljek ýüz-iki ýüz ädim ilerisindäki demirýol menziline gitdiler. Bärden barsalar, hatar-hatar wagonlar dur, çar ýanynda-da goňrumtyl-sary geýimli esgerler…Kimse ýatyr, kimse otyr, kimse gezip ýör, kimse aýdym aýdýar…Megerem fronta barýandyrlar-da, eşelonyň togtanyndanam peýdalanyp, aýaklaryny ýazýandyrlar-da, neresseler…At ogurlygyna barýan ýeksurunlar ýaly, bärden bukdaklaşyp-jyklaşyp baranlarynda, aç bolanlaryndanmy nämemi, çeträk-de esgerleriň biriniň iýip-içip bolup, bir-iki sany konserwasydyr-çöregini goşhaltasyna salyşdyrýandygy ala-böle gözlerine ildi. Esger goşhaltasynyň agzyny bogandan soň, ony oturan ýerinde goýdy-da, mytarasyny eline alyp, hol aňyrrakda duran suwly çelege tarap ýöneldi…Galan zat bolsa, göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolup geçdi…

Juma aganyň ýüzi gyzaryp gitdi. Misli, manadüşmez çagalykda eden etmişini, öz işine gümra bolup oturan aragatnaşykçy gyz, edil şu wagt, şu pursat gözleri bilen görüp duran ýaly, goja uýaldy. Şondan bäri geçen ýetmiş ýylyň içinde ýüz müňlerçe gezek ýatlanylan we ökünilip aňyrsyna çykyp bilmeýän wakasyny ýatlasy gelmedi. Emma, ýatlamanam bilmedi.

…Bärden topulyp baryp, goşhalta ýapyşdylar. Yzlygyna garşy ökjäni göterjek bolanlary hem şoldy welin, bir garny aç, bir

garny dok gezip ýören deramatsyz çagalarda näme jan bar, her haýsyny esgerleriň biri garbap tutdy…Tutdylaram-da bagryna basyp, öpüp ýatany haýsy, goşhaltalaryny açyşdyryp, bolup geçýän zatlara haýrany-serasyma bolup duran bezzatlaryň ellerine tapan-tupan iýgi-içgilerini ýükläp durany haýsy, olaryň tahýalyja başlaryny sypaşdyryp hamsygýany haýsy…onýança-da otly zoguny çaldy, esgerleriň bary gözeilmez çaltlykda ýüklendiler-de, zym uçan ýaly boldular…Belanyň erbedi olaryň her haýsy bir gujak iýmiti öýlerine alyp gelenlerinden soň başlady…Iýlen şarpyklardyr-käýinçleriň-ä baýaky, hasaby ýitse ýitendirem welin, esasy zat ol däl…Erbedi enesiniň aýdanlary, “Dilegçilik etdiňizmi? Mydaryň barka, zähmet çekmän, gazanman iýmek haramdyr. Dilegçiligem ogurlyk ýaly bir zat bolýar. Mydarlykaň ajy deriň siňmedik nan bogazyňa tegek bolýandyr” diýdi, “dilemedik, özleri berdiler” diýse-de ynanmady…şonda, ol ilki bir, enesi iň erbedini aýdyp tüketdimikä diýipdi, emma, ýalňyşan ekeni, enesiniň göwresi bir sykym bolsa-da, göwni mähnet ekeni, beterinden beterini tapdy oturyberdi, “çagadyr, düşünen däldir, ulalandan soň akly ýeter” diýip goýaýmady, edil, ojakda köz gyzyl edip gyzardylan ataşgir ýaly, degen ýerini ýakyp-ýandyryp, teniňden goparyp alyp barýan sözleri suňşuryp goýberdi… “Olaram ganym duşmana garşy göreşmäge barýarlar. Dolanawersinler hernä welin, dolanjaklary-dolanmajaklary-da gümana. Seniň kakaňam uruşda. Işallasy, ahyrynda, gelerem-le welin, özi…Senem alypsyň-da, şolaryň döwüm-dişlem nanyna zardygyňy bildirip, olaryň göwünlerine gubar salypsyň…diýmek, öz kakaň kalbyna-da…diýmek biz üçin gan döküp ýören, öz kakaň nesibesine-de el uzadypsyň, el seripsiň…Şeýle şol” diýdi…

Juma aga içinde turýan howury gyzgyn çaý bilen öçürjek bolýan ýaly, käsesinden ýene-de owurtlady. Uludan demini aldy.

…Şol müddet, özüni durky-düýrmegi bilen lükgeligine ýer hopan bolsa gowy bolardy diýdirdi…Kakamyz…Ol…Ol, şol wagtam, häzirem, mundan buýana-da deňsiz-taýsyz mukaddeslikdi…Edil ejemiz ýaly, edil enemiz ýaly, edil topragymyz ýaly… Megerem, adamyň durmuşynda ynanyp-uýup ýören mukaddesligiňe, özüň düşünip-düşünmän hyýanat edendigiňi bilmekden aýylganç zat ýok

bolsa gerek…Şondan soňam ýetmiş ýyl geçdi… hanha, indi şol sözleri bilen meniň göwnümi ýakyp-ýandyran enem-de ýok aýatda, ejem-de, şunça garaşsagam kakamyzam dolanyp gelmedi…geçmeze dönen günlerem geçdi-de gitdi…Şol gün goşhalta ýapyşanlaryň içindenem, bu topragy diňe men heniz hem depeläp ýörün…Şol geçen ýyllaryň içinde-de, ese-boýa galyp, aga-gara düşünip başlalymyz bäri-de, goşhalta ýapyşan hemmämiziň işimiz şol eşelonda fronta barýan neresseleriň iň bolmanda birini, iň bolmanda, olaryň neberelerini tapmak boldy…Tapanymyzdan soňam ol bendelere: "şeýle-şeýle boldy, günämizi ötüň, indem näme bilen, nädip şol bergimizi ödemeli bolsa biz taýýar" diýip, olar bilen yrzalaşyp-ylalaşmak maksadymyz, matlabymyz, islegimiz, küýsegimiz, arzuwymyz-yhlasymyzdy…Emma, tapylmady…ýekejesem…Äý elbetde, kyndyr-da…Ol günler biziň ilerimizden, günde ýüzlerçe otlular geçýärdi-dä, haýsy birinde, kimiň bardygyny nireden biljek, nireden tapjak…

Şowsuzlygy ýadyna düşende Juma aganyň hasam keýpi gaçdy. Ol käsesini boşatdy-da:

-Guzym, sag bol çaýyň üçin, mazaly dynjymy alaýdym-diýdi-de ýerinden turdy.

"Ejem görgüli gideninden soň-a bu zatlar barada derdinişere, iç döküşere adamam galmady, ýeriň ýüzünde… Pahyr, demini sanap, bärsinden aňyrsy ýakyn halda ýatyrka-da: "Balam, eneň diýenlerine beýdip ölüp bilmän ýörme, görgüli gaharyna diýäýdi-dä, ol zatlary. Soň-a meniň ýanymda şol sözleri aýdanyna uzur ökündem-le, görgüli. Siz bolsa, kinniwanjadyňyz ahyry, o mahallar. Düşünip etmändiňiz-ä. Düşünen bolsaňyz, içiňizem aç bolmasa, siz, heý, edermidiňiz! Kösenmegin guzym, ondan bäri ile-güne eden ýagşylyklaryňyz hem ojagaz zadyňyzy ýüz ýerde ýüz gezek ýuwmaga ýeterlik bolandyr" diýip, maňa höre-köşe edipdi, horja elleri bilen çal başymy sypapdy… Wah, käbäm, näme etsem-de, näme etmesem-de, men seniň üçin mydama perişdeleriňem päkizesi ahyry!" diýip içinden pikir öwrüp barşyna Juma aga işige ýetdi.

Onuň yzyndan garap duran aragatnaşykçy gyz eginlerini sallap, mytdyldap barýan ýaşula göwünlik bermek isledi:

-Juma ata, siz bar-a, ruhdan düşmäň, dogrusy, men siziň kimi

agtarýanyňyz-a bilemok welin, siz ýene-de ýazyberiň, ahyry bir gün tapylar gözleýäniňiz! “Agtaran tapar” diýlipdir-ä.

Gapydan çykyp ugran Juma aga, bosagadan çykan ýerinde saklandy-da, yzyna garady. Uludan demini aldy. Sähel salym bolsa-da, onuň ýüzi ýagtylyp giden ýaly boldy:

-Hä guzym, şeýle diý. Belki tapylaýadygy. Ýogsa, bu asylky bergimiz-ä bergimiz welin, ol ýoldaşlarym bendeleriň soňkusy hem, aýatdan gitmezden öňünçäsi, meni başujuna çagyryp: “Juma dogan, indi ýeke özüň galýarsyň, ýöne, şol neresseleriň hatda birini-de bolsa agtaryp tapyp, biziň deregimize-de yrza edeweri. Ýogsa kyýamat-magşara çenli o dünýede özümize, bu dünýede-de yzymyzdakylara ýazylganlyk bolman durmawersin, birden” diýip zynharlap gidipdi, bende!-diýip goja hümürdedi.

Aragatnaşykçy gyz onuň näme diýýändigine düşünmedi. Şonuň üçin näme geplejegini bilmän dymyp duruberdi. Onýança Juma aganyň kellesine täze pikir geldi. Ol ýene-de yzyna girdi:

-Hany, guzym, getir hany, maňa kagyz bilen syýagalam ber, bukja-da ber, haýyr işi mähetdel etmän, şu ýerde bejit ýene-de, haýyşnama ýazyp ibereýin-le. Enşalla, belki şu gezek şowuna düşäýädigidir-dä.

Aragatnaşykçy gyz onuň diýen zatlaryny alyp beren dessine-de, ömürboýy halallygy hemaýat edinip gezen goja, edil, keremli Biribardan, özüniň hem özi bilen bilelikde, şeýle agyr hem külpetli ömri, gaýratlarynyň ýetdiginden mynasyp ýaşamagyň hötdesinden gelen ynsanlaryň hyýal-u-hakyky günälerini geçmegi towakga edýän dek, ak kagyzyň ýüzüne öz haýyşyny yhlas bilen ýazyp ugrady.

Hekaýalar